Türkmenistanyň Adalat ministrligi
tarapyndan
2025-nji ýylyň «10-ýe» noýabrynda
1911 bellige alyş belgisi bilen
döwlet belligine alyndy

«Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2022-nji ýylyň 3-nji noýabrynda çykaran 339-iş/79-iş/85-ö belgili bilelikdäki buýrugy bilen tassyklanan, Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakyndaky Düzgünnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministriniň hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2025-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda çykaran 205-iş/51-iş/70-ö belgili bilelikdäki buýrugy

TÜRKMENISTANYŇ MALIÝE WE YKDYSADYÝET MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ ARAGATNAŞYK MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ STATISTIKA BARADAKY DÖWLET KOMITETI

BILELIKDÄKI BUÝRUK

№ 205-iş/ 51-iş / 70-ö/

2025-nji ýylyň 14-nji (y) oktyabrы **Aşgabat ş.**

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2022-nji ýylyň 3-nji noýabrynda çykaran 339-iş/79-iş/85-ö belgili bilelikdäki buýrugy bilen tassyklanan, Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakyndaky Düzgünnama üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda

2017-nji ýylyň 26-njy awgustynda kabul edilen «Hukuk namalary hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 30-njy maddasyna laýyklykda, «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny tassyklamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 12-nji fewralynda çykaran 2136-njy karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyny amala aşyrmak

boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynyň üçünji bölegini durmuşa geçirmek hem-de Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakyndaky Düzgünnamany kämilleşdirmek maksady bilen, **buýurýarys:**

1. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2022-nji ýylyň 30-njy noýabrynda 1665 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, «Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakyndaky Düzgünnamany tassyklamak barada» Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktorynyň hem-de Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň 2022-nji ýylyň 3-nji noýabrynda çykaran 339-iş/79-iş/85-ö belgili bilelikdäki buýrugy bilen tassyklanylan, Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakynda Düzgünnamada:

1) ýedinji bölegini şu görnüşde beýan etmeli:

«7. Sanawdaky döwlet hyzmatlary hakynda taýýar maglumatlar Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň «e.gov.tm» Döwlet hyzmatlar portalynda ornaşdyrylmalydyr.»;

2) sekizinji böleginiň 1-nji bendinde «döwlet hyzmatynyň kody» diýen sözleri «döwlet hyzmatynyň bellige alyş belgisi» diýen sözlere çalşyrmaly;

3) onunjy böleginde:

a) 2-nji bendinde «maglumatlary.» diýen sözi «maglumatlary;» diýen söze çalşyrmaly;

b) şu mazmunly 3-nji bendi goşmaly:

«3) arza beriji Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawynda (reýestrinde) döwlet hyzmatynyň bellige alyş belgisini (şu Düzgünnama 6-njy goşundy) öz işiniň görnüşine laýyklykda birinji, ikinji, üçünji we dördünji bellige alyş belgisini saýlaýar.»;

4) on üçünji böleginiň ikinji tesiminde «Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň ygtyýarly eden edarasynyň» diýen sözleri «Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrliginiň» diýen sözlere çalşyrmaly;

5) on üçünji böleginden soň şu mazmunly bir belgili on üçünji bölegi goşmaly:

«13[1]. «Arza berijiler öz işiniň görnüşine laýyk gelýan bellige alyş belgisini goýandan soň Topar döwlet hyzmatynyň bellige alyş belgisiniň bäşinji, altynjy, ýedinji we sekizinji sanlary emele getirýär.»;

6) 1-nji goşundynyň 1-nji sütüninde «Döwlet hyzmatynyň kody» diýen sözleri «Döwlet hyzmatynyň bellige alyş belgisi» diýen sözlere çalşyrmaly;

7) 2-nji goşundyda:

a) ikinji böleginde «Ulgamynda ýerleşdirilen hyzmatyň bellige alyş belgisi kody we berilen senesi» diýen sözleri «Döwlet hyzmatynyň bellige alyş belgisi» diýen sözlere çalşyrmaly;

b) ýedinji böleginde «häkimiýetler, edaralar» diýen sözleri «döwlet edaralary» diýen sözlere çalşyrmaly;

ç) sekizinji böleginde «kagyz» diýen sözden soň «görnüşinde» diýen sözi goşmaly;

d) onunjy böleginde «Döwlet hyzmatyny almak üçin arza beriji tarapyndan tabşyrylmaly resminamalar, arza beriji tarapyndan bu resminamalary almagyň usullary we resminamalary tabşyrmagyň tertibi barada maglumatlar» diýen sözleri «Döwlet hyzmatyny alyjy fiziki ýa-da ýuridik şahs tarapyndan tabşyrylmaly resminamalar, bu resminamalary tabşyrmagyň tertibi barada maglumatlar» diýen sözlere çalşyrmaly;

8) şu görnüşli 6-njy goşundyny goşmaly:

Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawy (reýestri) hakynda Düzgünnama 6-njy goşundy

Döwlet hyzmatlarynyň ýeke-täk sanawynda (reýestrinde) döwlet hyzmatynyň bellige alyş belgisi

Bap	Bölüm	
01		**Resminamalary resmileşdirmegiň usuly**
	0101	Adamyň şahsyýetini we hukuk derejesini tassyklaýan resminamalary/delilnamalary almak
	0102	Telekeçilik işi bilen bagly bolmadyk resminamalary almak
	0103	Resminamalary tassyklamak/şaýatlyk etmek

02		**Raýatlary we fiziki şahslary ýazga goýmak, bellige almak, hasaba almak, şeýle hem olaryň raýat ýagdaýynyň namalaryny döwlet belligine almak**
	0201	Fiziki şahsyň ýaşaýan/bolýan ýeri, familiýasy, ady, atasynyň ady we özüne degişli beýleki maglumatlary
	0202	Daşary ýurtlarda bolmagy
	0203	Türkmenistana gelmegi
03		**Döwlet belligine alyş**
	0301	Fiziki we ýuridik şahslary döwlet tarapyndan bellige almak we bellige alyş bilen bagly döwlet hyzmatlary
04		**Maşgala we çaga**
	0401	Nika baglaşmak
	0402	Çaganyň dogulmagy, onuň terbiýelenmegi we hossarlyk-howandarlyk işi bilen bagly hyzmatlar
	0403	Çaga bilim bermek, onuň mekdepden daşary we goşmaça bilimi
	0404	Çaga döwlet tarapyndan goldaw bermek
05		**Emläkleýin we intellektual eýeçilik hukuklary**
	0501	Gozgalýan emläk
	0502	Gozgalmaýan emläk
	0503	Intellektual eýeçilik hukugy
	0504	Emläkleýin we intellektual eýeçilik hukuklary bilen bagly beýleki döwlet hyzmatlary
06		**Saglygy goraýyş**
	0601	Saglygy goraýyş kömegi
	0602	Saglygy goraýyş ulgamy bilen bagly rugsatnamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, sertifikatlaşdyryş resminamalary) bermek
	0603	Ilatyň sanitariýa-epidemiologiýa ýagdaýyny goramak
	0604	Saglygy goraýyş bilen bagly beýleki döwlet hyzmatlary
07		**Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak**
	0701	Ilatyň zähmet üpjünçiligi
	0702	Ilatyň zähmet üpjünçiligi bilen bagly rugsatnamalary bermek
	0703	Durmuş üpjünçiligi, şol sanda pensiýa üpjünçiligi we ätiýaçlandyrma
	0704	Raýatlaryň aýry-aýry toparlaryna durmuş goldawyny we durmuş hyzmatyny bermek
	0705	Zähmet we ilaty durmuş taýdan goramak bilen bagly beýleki döwlet hyzmatlary

08		**Bilim we ylym**
	0801	Hünär bilimi we ýokary okuw mekdebinden soňky bilim
	0802	Bilim we ylym ulgamyndaky resminamalaryny (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, sertifikatlaşdyryş resminamalary) bermek
	0803	Bilim we ylym ulgamlary bilen bagly beýleki döwlet hyzmatlary
09		**Telekeçilik we hünärmenlik işi**
	0901	Işiň aýry-aýry görnüşlerini ýerine ýetirmäge rugsat berýän resminamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, sertifikatlaşdyryş resminamalary) bermek
	0902	Önümleriň aýry-aýry görnüşlerini öndürmäge rugsat berýän resminamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, sertifikatlaşdyryş resminamalary) bermek
	0903	Önümleriň aýry-aýry görnüşlerini satyn almaga, ýerlemäge we saklamaga rugsat berýän resminamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, sertifikatlaşdyryş resminamalary) bermek
	0904	Telekeçilik işine goldaw bermek
10		**Syýahatçylyk**
	1001	Syýahatçylyk ulgamyndaky döwlet hyzmatlary
11		**Ulag we aragatnaşyk**
	1101	Awtomobil ulagy
	1102	Howa ulagy
	1103	Demiryol we suw ulagy
	1104	Internet we aragatnaşyk hyzmatlary
	1105	Poçta aragatnaşyk hyzmatlary
	1106	Ulag we aragatnaşyk ulgamyndaky resminamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, sertifikatlaşdyryş resminamalary) bermek
	1107	Ulag we aragatnaşyk ulgamyndaky beýleki döwlet hyzmatlary
12		**Daşky gurşawy we haýwanat dünýäsini, tebigy gorlary goramak**
	1201	Daşky gurşawy goramak
	1202	Suw serişdelerinden peýdalanmak
	1203	Tokaý gorlaryndan peýdalanmak
	1204	Haýwanat dünýäsinden peýdalanmak
	1205	Ýerasty gorlardan peýdalanmak

13		**Oba hojalygy**
	1301	Oba hojalygy ulgamyndaky döwlet hyzmatlary
	1302	Oba hojalyk ulgamyndaky rugsat beriş resminamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, hasaba alyş, sertifikatlaşdyryş resminamalary) bermek
14		**Senagat, senagat önümçiligi we tehnologiýalary**
	1401	Ýangyç we energetika
	1402	Tehnologiýalar
	1403	Senagat, senagat önümçiligi we tehnologiýalary ulgamyndaky rugsat beriş resminamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, sertifikatlaşdyryş resminamalary) bermek
	1404	Senagat, senagat önümçiligi we tehnologiýalary ulgamyndaky beýleki döwlet hyzmatlary
15		**Nebitgaz**
	1501	Nebitgaz ulgamyndaky rugsat beriş resminamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, hasaba alyş, sertifikatlaşdyryş resminamalary) bermek
	1502	Nebitgaz ulgamyndaky beýleki döwlet hyzmatlary
16		**Salgyt resminamalary, buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy, auditorçylyk işi**
	1601	Salgyt resminamalary
	1602	Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy
	1603	Auditorçylyk işi
17		**Maliýe bazarynyň işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek, oňa gözegçilik etmek we seljermek**
	1701	Karz edaralarynyň we bank ulgamyndaky rugsatnamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, sertifikatlaşdyryş resminamalary) bermek
	1702	Ätiýaçlandyryş işi ulgamyndaky rugsatnamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş resminamalary) bermek
	1703	Beýleki döwlet hyzmatlary
18		**Gümrük işi**
	1801	Gümrük işi ulgamyndaky döwlet hyzmatlary
19		**Howpsuzlygy üpjün etmek**
	1901	Howpsuzlygy üpjün etmek ulgamyndaky döwlet hyzmatlary
20		**Bazar bäsdeşligini goramak**
	2001	Bazar bäsdeşligini goramak ulgamyndaky döwlet hyzmatlary

21		**Ýer gatnaşyklary, geodeziýa we kartografiýa**
	2101	Ýer gatnaşyklary
	2102	Geodeziýa we kartografiýa
22		**Medeniýet, habar beriş we çaphana**
	2201	Habar berişi guramak we habarlary ýaýratmak ulgamyndaky rugsatnamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, sertifikatlaşdyryş resminamalary) bermek
	2202	Habar beriş
	2203	Medeniýet
	2204	Çaphana we neşirýat
23		**Bedenterbiýe we sport**
	2301	Bedenterbiýe we sport ulgamyndaky döwlet hyzmatlary
24		**Binagärlik we şähergurluşyk işi**
	2401	Binagärlik we şähergurluşyk işi ulgamyndaky rugsatnamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, hasaba alyş resminamalary, netijenamalary we şahadatnamalary) bermek
	2402	Ýol gurluşyk işi ulgamyndaky rugsatnamalary (şol sanda ygtyýarlylandyryş, bellige alyş, hasaba alyş resminamalary, netijenamalary we şahadatnamalary) bermek
	2403	Binagärlik we şähergurluşyk işi ulgamyndaky beýleki döwlet hyzmatlary
25		**Ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygy**
	2501	Ýaşaýyş jaý we jemagat hojalygy ulgamyndaky döwlet hyzmatlary
26		**Daşary syýasat we daşary işler**
	2601	Daşary syýasat we daşary işler ulgamyndaky döwlet hyzmatlary
27		**Beýlekiler**
	2701	Kosmos älemini peýdalanmak
	2702	Statistik maglumatlary bermek

Bellik: Döwlet hyzmatynyň bellige alyş belgisiniň aňladylyşy şu görnüşde amala aşyrylýar:

XX-XX-XXXX

| | | | bäşinji, altynjy, ýedinji we sekizinji belgisi döwlet hyzmatynyň tertip belgisini aňladýar;

| | üçünji we dördünji belgisi – bölümi aňladýar;

| birinji we ikinji belgisi - hyzmatyň çygry boýunça baby aňladýar.

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministriniň, Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministriniň we Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygynyň degişli orunbasarlary gözegçilik etmeli.

Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministri **M.Astanagulow**

Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministri **H.Hudaýgulyýew**

Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň başlygy **D.Amanmuhammedow**

Belgilenildi we bagjyklanyldy

10 sahypa

ý.ý.A. Şükürowa

10.11.2025ý.